# Bohlul bilen şeýh Jüneýdiñ duşuşygy

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bohlul bilen şeýh Jüneýdiñ duşuşygy BOHLUL BILEN JÜNEÝDIÑ DUŞUŞYGY

Bir gün şeýh Jüneýit Bagdady* gezelenç üçin Bagdat şäherinden daşary çykýar. Onuñ müritleri-de ýany bilen gidýärler. Şeýh gidip barşyna, müritlerden Bohlul hakda soraýar. Müritleri:
– Ol bir diwana adam, ony näme etjek – diýýärler. Şeýh:
– Ony tapyp getiriñ, meniñ ol bilen işim bar – diýýär. Müritler agtaryp, çölüñ içinden Bohluly tapýarlar we şeýhi onuñ ýanyna eltýärler.
Haçan-da, şeýh onuñ ýanyna baranda, görse, Bohlul bir kerpiji başynyñ aşagyna goýup, bir zada haýran galyp, gyşaryp ýatan eken. Şeýh oña salam berýär. Bohlul onuñ salamyny alyp, «Sen kim?» diýip soraýar. Jüneýit:
– Men Jüneýit Bagdady – diýýär. Bohlul:
– Senmi, eý, Abulkasym? – diýýär. Ol «hawa, men» diýip jogap berýär. Bohlul:
– Ilata ýol görkezýän şeýh Bagdady senmi? – diýip soraýar. Ol-da «hawa, men» diýýär. Şonda Bohlul:
– Sen öz tagam iýişiñi bilýärmiñ? – diýip, şeýhden soraýar. Ol:
– Hawa, bilýärin. **Ilki bilen «Bismilla» diýýärin Tagam iýlende, öz öñümden iýýärin. Kiçi lukmalar alyp iýýärin, agzymyñ sag tarapyna alyp, ýuwaş çeýneýärin, beýleki adamlaryñ lukmasyna göz dikemok. Tagam iýýän wagtymda Hudaýy ýatlamagy unudamok. Her lukmany iýenimde «Alhamdulillah» diýýärin. Tagamdan öñ we soñ elimi ýuwýaryn** – diýýär. Bohlul ýerinden turup, şeýhiñ eteginden ýapyşyp:
– Sen halkyñ ýolbaşçysy bolmak isleýärsiñ, emma entek tagam iýmegi-de bileñok! – diýýär-de, öz ugruna gidiberýär.
Şonda şeýhiñ müritleri: «Eý şeýh, bu adam diwana» diýýärler.

Jüneýit:
– Ol şeýle bir diwana, öz işine örän ökde we jür diwana. Hak sözi şondan eşitmeli diýip, ondan eşitmeli. Meniñ onuñ bilen işim bar – diýip, onuñ yzyna düşüp gidiberýär.
Bohlul bir harabalyga baryp oturýar. Jüneýit-de onuñ yzyna ýetýär. Bohlul:
– Sen kim? – diýýär. Şeýh:
– Tagam iýmegi-de bilmeýän şeýh Bagdady – diýip jogap berýär.
Bohlul:
– Tagam iýmegi bilmeýän bolsañ, geplemegi bir bilýärmiñ? – diýýär.
– Hawa, bilýärin.
Bohlul:
– Nähili söz sözleýärsiñ? – diýýär.
Jüneýit:
– **Ölçege görä sözleýärin, ýerliksiz, hasapsyz geplemeýärin. Diñleýjileriñ pähmine görä sözleýärin. Halky Hudaýa we onun Resulyna çagyrýaryn. Ilat menden ýadamaz ýaly köp geplemeýärin** – diýýär. Bohlul:
– Tagam iýmeg-ä beýlede dursun, söz sözlemegi-de bilmeýän ekeniñ – diýip, ýerinden turup gidiberýär.
Onuñ müritleri:
– Eý şeýh, gördüñmi, bu adam diwana ahyry, sen ondan näme tama edýärsiñ? – diýýärler. Jüneýit:
– Meniñ onuñ bilen işim bar, siz ony bilmeýärsiñiz – diýýär. Ýene-de onuñ yzyna düşüp gidýär we onuñ ýanyna barýar. Bohlul oña garap:
– Sen menden näme isleýärsiñ? Sen tagam iýmegiñ we söz sözlemegiñ däplerini-hä bilmeýärsiñ, ýatmagyñ däbini bir bilýärmiñ? – diýýär. Ol:
– Hawa, bilýärin – diýýär. Bohlul:
– Bilýän bolsañ aýt, nähili ýatýarsyñ? – diýýär. Jüneýit onuñ jogabynda:
– **Haçan-da, ýassy namazymy we dogamy okap gutaranymda ýatuw geýimimi geýýärin – diýýär hem-de din wekilleriniñ ýatmaga degii aýdan zatlaryny beýan edýärin.** Bohlul:
– Düşündim, sen ýatmagyñ däplerini-de bilmeýän ekeniñ – diýip,

ýerinden galjak bolanda, Jüneýit onuñ eteginden ýapyşýar we:
– Eý Bohlul, men bilmeýärin. Sen bir Hudaýa ýakyn adam, sen maña öwret – diýýär. Bohlul:
– *Sen özüñi dana hasapladyñ, men näme sorasam, bilýärin diýip jogap berdiñ.* Şonuñ üçin men senden daşlaşýardym. *Häzir bolsa nadanlygyñy boýun alyp, «men bilmeýärin» diýdiñ.* Şonuñ üçin men saña öwredeýin – diýýär: – Eý Jüneýit, bilip goý, seniñ jogap berip aýdan zatlaryñ hemmesi esasy zat däl-de, diñs başlangyç. **Tagam iýmekligiñ asyl şerti lukmanyñ halal bolmagydyr.** *Eger haram lukma üçin seniñ aýdan däpleriñi ýüz gezek gaýtalasañ-da, peýdasy ýokdur, gaýtam ýüregiñ garalmagyna sebäp bolar.* Jüneýit:
– Allatagala seniñ jezañy haýyr etsin – diýýär.
Bohlul:
**– Söz sözlemekde ilki bilen ýürek päk bolup, niýet dürs bolmalydyr. Söz sözlemek Hudaýyñ razyçylygy üçin bolmalydyr. Eger ýaramaz maksat ýa-da dünýä maly üçin bolsa biderek we puçdur. *Her aýdan sözüñ seniñ üçin jezadyr.* Şeýle bolsa dymmaklyk we ses çykarmazlyk gowudyr.**
Ýatyp uklamak barada aýdanlaryñ-da esasy zat däl. Bu meselede asyl matlap **ýatan wagtyñda seniñ ýüregiñde musulmanlara kine, kitüw we göriplik bolmaly hem-de dünýä malyna söýgi bolmaly däldir. Uka gidýänçäñ Allany ýatlamalysyñ.**
Şu sözleri eşidenden soñ Jüneýit Bohlulyñ elini öpýär we ol hakynda doga edýär. Jüneýidiñ müritleri bu ýagdaýy görüp, gürrüñleri eşidenlerinden soñ Bohlula diwana diýmekden el çekip, ony hormatlamaga başlaýarlar.
Bu aýdylanlardan çykýan netije şundan ybarat: Edil şeýh Jüneýdiñ tagam iýmek, söz sözlemek we ýatyp uklamagyñ däplerini Bohluldan öwrenişi ýaly, her bir adam şuny bilmeli – **bilmeýän zadyñy öwrenmekden namys etmeli däl, utanmaly däldir.**

---

* *Şeýh Jüneýit Bagdady – Abulkasym Jüneýit ibn Muhammet, meşhur sopularyñ biri. 207-nji hijri-kamary (822-23) ýyla golaý Bagdatda dogulýar. Onun asly Eýranyñ Nahawent şäherinden bolupdyr, käri çüşegärlik eken. «Soltan el-muhakkakyn», «Tawus*

*el-ulama» diýen lakamlary bolupdyr. Zunnun Müsriden soñ ol sufizm taglymatyny ýazyp düşündiripdir. Otuz gezek pyýada Käbä zyýarat edipdir. 297-nji (909-10) ýylda aradan çykypdyr.*

Pars dilinden terjime eden: Aşyrpur MEREDOW. Pedagogika we edep-terbiýe